# Kakabaý Gurbanmyradow

Category: Goşgular,Hekaýalar,Kitapcy,Poemalar,Powestler,Sözler,Ýazyjy şahyrlaryň we alymlaryň terjimehaly
написано kitapcy | 26 января, 2025
Kakabaý Gurbanmyradow KAKABAÝ GURBANMYRADOW



Kakabaý Gurbanmyradow – zehinli şahyr, ussat terjimeçi, halypa mugallym. Ol 1945-nji ýylyň iýunynda (ýa-da iýulynda) Mary welaýatynyň Murgap etrabynyň Hyrslan Jumaýew adyndaky daýhan birleşiginde doguldy. Bütin ömrüni edebiýata baglan şahyr birnäçe ýyllap Baýramalyda mugallym bolup işleýär. Kakabaý Gurbanmyradow 2015-nji ýylyň 7-nji awgustynda aradan çykdy.

**• Kitaplary:**

1. ”Alabahar” goşgular.
2. «Ýollar” goşgular.
3. ”Oglum ikimiz” goşgular.
4. ”Sähra gözýetimi” goşgular.
5. «Maksat” goşgular.
6. «Hyýal guşum» goşgular.
7. «Saňa köňül bersem …” goşgular.
8. «Пристрастност” rus dilinde goşgular.
9. ”Нет у лйубви определения» rus dilinde goşgular.

**• Terjime eden eserleri:**

1. W.Ýan ”Aziýanyň mawy alyslyklary” hekaýalar, ýatlamalar.
2. W.Ýan ”Spartak” powest.
3. W.Ýan ”Baty han” roman.
4. W.Ýan, ”Soňky deňze çenli” roman.
5. W.Ýan ”Jelaleddin”, powestler we hekaýalar.
6. A.Wamberi ”Orta Aziýa syýahat”.
7. J.Rumy ”Hekaýatlar”.
8. J.Jaşdong ”Kakam, ejem hem-de men” goşgular.
9. N.Matweýewa ”Dub we şemal” goşgular.
10. J.Makdauell ”Ady keramatly kitaba giren…” ylmy-populýar kitap.
11. W.Maýakowskiý, ”Bar sesim bilen” poema.
12. I.Kalaşnikow ”Ýowuz asyr” iki kitap roman.
13. S.Ulugzade ”Firdöwsi” roman.
14. W.A. Žukowskiý ”Gadymy Merwiň harabalary” ylmy monografiýa.
15. A.Jamy ”Isgenderiň paýhas kitaby”.
16. A.Faraž ”Öwüt-nesihatly kyssalar”.

17. R.Roždestwenskiý ”Günleriň birinde…”.
18. ”Gadymy hytaý pähimleri”.
19. ”Gündogar pähimleri”.
20. ”Gadymy hindi pähimleri”.
21. Saady, ”Bossan”.
22. ”Nusgawy basnyýalar”.
23. ”Baýatylar-pähimler”.
24. ”Sibirde ýaşaýan türki halklaryň folkloryndan”.
25. K.Gossi ”Garagarga” drama.
26. L.Razimowskaýa ”Medeýa” drama.
27. T.Şewçenko ”Katerina”, ”Hyzmatkär aýal” poemalar.
28. ”Danalara uýsaň…” dünýä akyldarlarynyň parasatly sözleri.
29. G.Golubew ”Galp ada duwlanyp…” powest.
30. A.Kekilbaýew ”Rowaýatyň soňy” roman.

- **«Hyýal guşum» atly kitapdan bir goşgy:**

*Howlukmaç hepdeler, alňasak aýlar,*
*Üwelip ýyllaryň degirmeninde,*
*Oýup ýa-da dyrmap goýar yzyny*
*Kä joşgunly, käte synyk göwünde.*

Çalşyp kalbyňdaky şatlygyň orny,
Duýman durkaň hasrat basýar gerşiňden.
Beden ýarsyp, saç-sakgalyň agarýar,
Otdan çykyp, suwa urup ýörşüňden.

Birleşdirip alys-ýakyn illeri,
Çar ýana uzalýar, ýollar, ýodalar.
Kä menzili höwes bilen geçersiň,
Kä menziller ugramankaň ýadadýar.

Öýde-de, ilde-de gün geçdik saýy,
Agralyp barýandyr gerdende ýüküň.
Aladadan dolup pikirleň orny,
Sen däl, olar saňa ýöredýär höküm.

Oňatlyga ündäp öwüt aljagy,
Oýlanyp ädersiň ädimiň hersin.

Begenýän bu ömrüň ýükli geçýänne,
Gynanmag-a asla beýlede dursun!.. Ýazyjy şahyrlaryň we alymlaryň terjimehaly